# Aşyk Aýdyñ pirim, ak pata beriñ!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Aşyk Aýdyñ pirim, ak pata beriñ! AŞYK AÝDYÑ PIRIM, AK PATA BERIÑ!

Gurbanyñ bolaýyn, sazyñ eýesi,
Aşyk Aýdyñ pirim, ak pata beriñ!
Mende döräp geldi şygyr höwesi,
Aşyk Aýdyñ pirim, ak pata beriñ!

Aýlandym, üç ýüz altmyşy yzlap,
Men gudraty duýdum ýüregim syzlap,
Beýik minaradan ýyldyzy gözläp,
Aşyk Aýdyñ pirim, ak pata beriñ!

Gadymdan ýañ saldy kalbym lerzana,
Şol gadym Ürgenjim doldy zybana,
Kyrk mollalar ýatyr ylmy hazyna,
Aşyk Aýdyñ pirim, ak pata beriñ!

Ýollandym ýurduña gözlerim dikip,
Birsalym eglendim uzak ýol söküp.
Men size ýüzlenýän ýüregim döküp,
Aşyk Aýdyñ pirim, ak pata beriñ!

Dutaryńa salam berip ýetdim men,
Gubruñyza düýnäp, togap etdim men,
Ýagşy niýetlermi ýüze tutdum men,
Aşyk Aýdyñ pirim, ak pata beriñ!

Diýarbekir galañ ýañ berip otyr,
Ol gadym taryhym göz öñme getir.
Belki, keramatyñ dilegme ýetir,
Aşyk Aýdyñ pirim, ak pata beriñ!